# Magtymguly Pyragynyñ diwany hakynda

Category: Kitapcy,Magtymgulyny öwreniş
написано kitapcy | 22 января, 2025
Magtymguly Pyragynyñ diwany hakynda MAGTYMGULY PYRAGYNYÑ DIWANY HAKYNDA

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Magtymguly Pyragy adamzada tämiz ruhy, sagdyn ahlakly, şirin zybanly, ajaýyp şygyrlary miras galdyran akyldar şahyrdyr»- diýip aýdyşy ýaly, Magtymguly Pyragy durmuş hem ylym ummanlarynda gaýnap-joşan beýik akyldar şahyrdyr. Şonuň üçin hem onuň tutuş döredijiligine mahsus bolan çuňňur manyny, edebiýatyň altyn hazynasyny hasyl edýän eserlerdir.

“Şahyryň danalygy hem-de beýikligi onuň okan, özleşdiren ylymlarynda, dünýä, durmuş, pes pällik, jemgyýet baradaky dünýä garaýyşlarynyň giňliginde, gözlän we eýeren ýaşaýyş ýörelgesiniň, ömür pelsepesiniň sap halal ýoly saýlanlygyndadyr.”

Çünki şahyryň syrly setirleriniň her biriniň astynda üsti örtülgi many, taryhy, dini wakalar ýatýar. Ol manylary tirmek, örtügini açmak üçin bolsa şol wakalaryň alnan çeşmelerini tapmaly bolýar. Akyldar şahyryň bu syrly setirlerinine düşünmek üçin ”Kyssasyl enbiýa” atly kitaba nazar salmaly bolýar. Biziň bu aşakdaky aýtmakçy bolýan syrly setirlermize ser salsak akyldar Pyragy:

"Süleýman sen, mura bir gulak goýgul,
Sözüni diñlegil, jogabyn aýtgyl."

– diýmek bilen Süleýman Pygamber bilen Menzere atly garynjanyñ arasynda bolan wakany beýan edýändir. Ol wakany gysgajyk gürrüň bersek:

Günlerde bir gün Hezreti Süleýman Aleýhissalam garynjalaryň köp bolýan obanyň üstünden öz leşgerleri bilen asmandan uçup barýardy. Menzere atly bir ak garynja ol obanyň garynjalaryna ýüzlenip:

– Eý garynjalar, siz habardar boluň, öýlerňizden çykmaň. Süleýman Pygamber leşgerleri bilen ýere gonsa bilmän sizi basyp heläk edäýmesin – diýýär. Ol zaman Alla Tagala ýele ol garynjanyň aýdan sözlerini Süleýmana ýetir diýip emir edýär. Şemal ol garynjanyṅ  aýdan sözlerini Süleýman Pygambere ýetirýär. Hezreti Süleýman Aleýhissalam, ol garynjanyň aýdan sözüni eşidip ýylgyrýar we garynjanyň aýdan gepini eşidendigine begenip Alla Tagala ýüzlenip şeýle diýýär:

– Eý Perwerdigär, maňa nesihat eýle we meniň ata-eneme beren nygmatlaryňa şükür etmegi we Seniň razy bolýan salyh amallary enjam bermegi we meni öz fazyl keremiň bilen salyh bendeleriňe goş – diýýär. Ondan soňra Süleýman Pygamber leşgerleri bilen asmandan ýere ol garynjalaryň ýanyna gonýar. Garynja Süleýman Pygamberiň öňunden çykyp salam berýär. Hezreti Süleýman Aleýhissalam garynjanyň salamyna jogap berýär. Ondan soňra Hezreti Süleýman Aleýhissalam:

– Eý garynja, seniň adyň nämedir? – diýip soraýar. Ol garynja:

– Meniň adym Menzeredir – diýip jogap berýär. Onda Hezreti Süleýman Aleýhissalam:

– Eý Menzere, sen bilmeýäňmi meniň leşgerlerimiň size zulum etmejeklerini we men asmandan uçup barýaryn, meniň leşgerlerim nädip sizi depelesinler we sen näme uçin ol garynjalara ol sözüňi aýtdyň? – diýýär. Onda Menzere:

– Eý Süleýman, men bul garynjalaryň patyşasydyryn. Bul garynjalary goramak meniň borjumdur. Ol sebäpden men ol garynjalara siz öýlerňizden çykmaň birden Süleýman Pygamber ýere gonsa bilmän sizi basyp heläk edäýmesin diýip olara habar berdim hem-de meniň garynjalarym seniň döwletiňe we leşgerleriňe gözleri düşüp Hudaýyň zikirinden gapyl bolarlar

we dünýe maly diýip ylgarlar, ol sebäpden aýtdym – diýýär. Garynjanyň ol sözlerini eşidip Hezreti Süleýman Aleýhissalam:

– Eý garynja, sen maňa bir nesihat et – diýýär .Ondan soňra Menzere:

– Eý Süleýman, seniň ataň ady Dawutdyr. Näme üçin senň ataň adyna Dawut dakanlaryny bilýäňmi? -diýip soraýar. Onda Süleýman Pygamber "bilemok" diýip jogap berýär. Menzere:

– Seniň ataň kalbyň ýarasyna doga edýärdi (kalba doga etmek, kalby arassalamakdyr, men-menlikden, ulumsylykdan) ol sebäpden Dawut diýip aýdypdyrlar – diýýär. Ýene-de Menzere:

– Eý Süleýman, saňa näme üçn Süleýman diýip at dakanlaryny bilýäňmi? – diýip soraýar. Onda Süleýman "bilemok" diýip jogap berýär. Menzere:

– Eý Süleýman, seniň kalbyň salym päkdir, teleke ýagny ýaramaz sypatlardan kalbyňda zat ýokdyr, oňa görä saňa Süleýman diýip at dakdylar – diýýär. Onda Garynja:

– Eý Süleýman, Allatagalanyň saňa beren nygmatlarynyň birini maňa aýt – diýýär. Hezreti Süleýman Aleýhissalam:

– Eý Menzere, Allatagala maňa ýele höküm etmekligi Mugjyza etdi, ýeliň wesilesi bilen bir aýlyk ýoly bir az wagtda geçýärin – diýýär. Onda Menzere:

– Eý Süleýman, Allatagala näme ücin ýele höküm etmekligi saňa berendigini bilýäňmi – diýýär. Onda Süleýman Pygamber:

– Ýok, bilmeýärin – diýýär. Menzere:

– Eý Süleýman; Allatagala saňa ol ýele höküm etmekligi ybrat üçin berendir, çünki saňa näme mal mülk we nygmat beren bolsa şolaryň barysy senden ýel ýaly geçer, her kim bu ýalançy dünýäniň mal mülküne ygtymat etse, ýagny dünýäniň mal mülküne guwansa we ol mal mülki gowy görse göýä ýele ygtymat eden ýalydyr – diýýär.

Garynjanyñ sözlerini eşidenden soñra Hezreti Süleýman Aleýhissalam Alla Tagala ýalbaryp şeýle diýýär:

– Meni şükür edýän bendeleriṅ jümlesinden edeweri we meni salyh bendeleriñ bilen Jennete dahyl edewer.

Hezreti Dawut Aleýhissalam Işa diýen adamynyñ oglydyr. Hezreti Dawut Aleýhissalamy Alla Tagala Pygamber edipdir, daglar we guşlar bilen Allataga tesbih aýdýan eken. Demirler Dawut Pygamberiň elinde göýä mum ýaly bolýan eken. Uruşda geýilýän lybaslary dikýän eken. Ejesi Elýainiñ gyzydyr, musulmandyr, päk we takwa zenanadyr.

Hormatly, eziz musulman doganlar, biziň Magtymguly atamyz Hezreti Süleýman Aleýhissalam bilen ol Menzeräniñ gürrüñini bize ybrat üçin aýdýandyr. Çünki bu wakada ybrat almaly zatlar kändir. Ýeli tutup bolmaýşy ýaly bu dünýäniñ mal-mülkini hem tutup bolmajakdygyny we adamynyñ ömri ýel ýaly geçip gitjekdigini añmak bolar. Hezreti Süleýman Aleýhissalam Pygamber bolsa-da ol garynjadan köp zatlary öwrenişi ýaly, alym bolsañ hem seniñde bilmeýän zatlarñ bardyr, onuñ üçin tekepbirlik, men-menlik edip ýörmän pespäl bolmalydygyny aýdýar.

Ýusup LALLAKOW,
Aşgabat şäherindäki 100-nji orta mekdebiñ müdiri.

> Отправлено из Mail.Ru для Android Magtymgulyny öwreniş